# Remezanda ölmek..!

Category: Kitapcy,Nukdaýnazar,Oýlanmalar,Sözler
написано kitapcy | 23 января, 2025
Remezanda ölmek..! REMEZANDA ÖLMEK..!




*Bu ýesirlik ýurtlary pula satyn alyp biljek derejede baýlyk eýesi edip taşlar ölümden gaçmak isleýänleri…*
Hany, käbir pursatlar bolýandyr "ynha, aýny wagty» diýilýän. "Ynha, şumat iň amatly wagty" diýäge-de, etjek bolýan işimiziň şowagt bitmegini isleýäris. Mübärek Remezan aýy hem edil şolar ýaly wagtlaryň biridir, biler bolsaňyz.
Köp ugurlaýyn mukaddesligi öz içine alýan bu aýda her wagtkysyndan has tapawutly işleri etmäge çalyşýarys. Namazlarymyzyň sanyny artdyrmaga, has köpräk Gurhan okamaga, hüşür-zekatlarymyzy şu aýda bermäge çalyşýarys, oraza pitrelerimizi şu aýda berýäris…
Şeýle-de biziň üçin peýdaly we bähbitli hasap edýän birnäçe işimizi şu aýda etmäge çalyşýarys…

Eger menden «haýsy aýda ölesiñ gelýär?» diýip sorasalar, gözümi gyrpman Remezan aýyny saýlap alardy. Enteg-ä bu aýda arzuwlaýan bu ölümim maña miýesser etmedi, emma düýn çuññur hormatlanýan we özümiñem baş egip hormatlaýan ynsan bu gözel we mübärek aýda Hakyñ rahmetine ýöredi.
Öñ birnäçe gezek söhbet etme şerepine eýe bolan Ömer Döngelogly halypamyzyñ aradan çykandygy hakyndaky gynançly habary eşdenimde, süññüm lerzana geldi.
Ol meniñ üçin hemme zatdan ötri ýazýan makalalarymy her platformada goldaýan ýakyn dostdy, jana-jan agam ýalydy, ussat halypady.
Rebbim halypamyza rahmet etsin, ony jennetine giren gullaryndan eýlesin. Omyn inşalla!
Şol nukdaýnazardan ugur alyp, ölüm bilen ilteşikli we öñem paýlaşan käbir pikirlerimi siziñ dykgatyñyza gaýtadan ýetirmekligi müwessa bildim.
Bu sözler ilki öz nebsime, soñra bolsa mundan ybrat almak isleýän her kes üçin peýdaly bolar diýip, umyt edýärin…

*«Indi Gün görünmez, gök bulutlydyr,*
*Rahatlyk däl, ölüm soñsuz ukudyr.»*
*(Ýahýa Kemal Beýatly/Geçiş)*

Bular ýaly penjireden garaýan köñüller üçin gam-gussa ynsany halys haýykdyrýar. Ölen kişiniñ jesedi ebedilik topraga öwrülmek üçin ýoklugyñ tüm-garañkylygyna teslim edilýär.
Bu garaýyş we ynanjyñ eýesi ölümden ünsüni sowup, dünýä nygmatlarynyñ barçasyna eýelik etjek bolup, gorkularynyñ içindäki gizlin meýil-arzuwlarynyñ ýesirine öwrülýär.
Bu ýesirlik ýurtlary pula satyn alyp biljek de ýesirlik rejede baýlyk eýesi edip taşlar ölümden gaçmak isleýänleri…
Netijede gorkularyñ girdabyna ownuk-uşak deşiklerden sygybilen durmuş yşyklaryna çenli ölmejek ýaly aslyşýanlara we hemmelerden ötri öz nebsime seslenesim gelýär!
Ýekeleýin gurşap almaga çalşylanda, añymyzda we adamzadyñ medeni derejelerine görä “ölüme” taryhyñ hiç bir döwründe ýüzleý garalmandyr we kabul edilmändir. Tersine ölüm

düşünjesine ýeñil-ýelpaý garalmaýşy ýaly, oña dürli-dürli siwmollar we ynançlar arkaly aýratyn many-mazmun çaýylypdyr.
Ýogsam bolmasa ölüm ýeke söz bilen aýdylanda, durmuş ýoluna gözümizi açan dünýämizden öñden meýilleşdirilip goýlan maksatnamalaýyn ömür prosesiniñ tamamlanyşynda hamyrmaýamyz bolan toprak bitewileşmesi arkaly başga bir dünýäniñ ýoluna rowana boluşymyzdyr.
Topraga garyşyp ýok bolma – öýjügiñ içinde tozga öwrülsin diýip goýlup gidilen ýalñyzlyk däldir. Ýaşaýşyñ “baýragy” bolan ölüm imanly kalp tarapyndan oýlanylanda başga bir ýaşaýyşda şineläp täzeden pyntyk ýarma halydyr.
Içerinde ýerleşdiren öýjügimiz kör guýuda ýokluga taşlanmagyñ deregine, o dünýä geçişimiziñ başlan garañkylygy ýa-da aýdyñlygy boljak tunneliñ başlangyjydyr.
Tunneliñ soñunda ýa hondanbärsilik çäkleriniñ-de kynçylyga uçrajak bagtyýarlyk meýdany ýa-da gözleriñ görüp, gulaklaryñ eşidip, bedenleriñ duýjak elhençilikleri bilen ýüzleşme meýdanydyr.
Akyl ýetirip boljak diýseñ ýeñil mantyk ýöredeliñ:
Tohumlary-da tozgadan we palçykdan ybarat garañkylyga gömenimizde, bize iñ lezzetli nygmatlary şinelendiren toprak, ýaradylan iñ mukaddes barlyk bolan ynsanyñ tohumyny ýokluga taşlarmy, heý?
Ýüregi imandan püre-pür doldurylan, ideallary we duýgulary Alla muhabbeti bilen çarp urýan bolsa, adam diýeniñ, ölümiñ hakykatyna akyl ýetiren şekilde huzura sary uçar.
Ölüm gözellikler bilen doly meýdana geçişiñ tunelidir, eger şeýle bolýan bolsa, ölüm ýaşaýşyñ iñ ajaýyp sowgadydyr.
Eger tuneliñ soñy aýylgançlyklar bilen doly bolsa, bize, heniz ölmänkä ýagtylandyrylan tuneliñ ýolagçysy bolmagam giç däl.

Mustapa Sabri BEŞER.
msbeser@internethaber.com

04.05.2020 ý, «İNTERNETHABER» gazeti.

Terjime eden: Guwanç MÄMILIÝEW,
Stambul uniwersitetiniñ talyby. Oýlanmalar